# Oglum

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Oglum OGLUM

Atam çyn ýürekden bererdi öwüt,
Hergiz ýalan söze uýmagyn oglum.
Päklik, ruhy baýlyk, saglykdyr bagt,
Danalar sözünden doýmagyn oglum.

Pukara bendäniñ köñlüni ýykma,
Ýagşylyk edeniñ sarpasyn sakla,
Köñlüñ bada berip men-menlik etme,
Bäş gün ömri namart gezmegin oglum.

Elmydam höwesli söýgün käriñi,
Gardaşa aýama golda baryñy.
Hergiz ynjytmagyn söwer ýaryñy,
Agzybir ojagyñ-bozmagyn oglum

Gyzmagyn bu dünýäñ maly-puluna,
Akyl bolsañ gitme şeýtan sözüne,
Hergiz gam getirme eneñ ýüzüne,
Enäni ynjytsañ gezmegin oglum.

Dost ýekedir oglum dostuñy saýla,
Kiçini ynjytma, ulyny syla,
Aç bolsañ-da namart duzundan doýma,
Muhannese hemdem bolmagyn oglum.

Mertlik, gaýratlylyk, Ene-ata hormat,
Bihormat perzentler uly bir mähnet,
Beren sözüñ tutgun gyzyldan gymmat.
Lebizli sözüñi bozmagyn oglum.

Hümmet Hekim, gulak goý sen akyla,
Akylyñ bolmasa eýer nakyla,
Hiç wagt nesihat berme bahyla,